# Näz bilen elini agzyna goýdy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Näz bilen elini agzyna goýdy NÄZ BILEN ELINI AGZYNA GOÝDY

Söýgülim sallanyp seýrana çykdy,
Ogrynça göz dikip, ýylgyryp bakdy.
Naýza dek kirpigin parran geçirip,
Ýüregmiñ ujuna bir uçgun dakdy.
Ýanýardy gözleri ot dek ýalpyldap,
Gowşatdy süññümi, galdym galpyldap.

Emaý bilen ädim urup sallandy,
Bil inçe, göwsi biraz ýellendi.
Gara gözün süzüp, zülpün sypanda,
Ak ýüzünde gara haly bellendi.
Lak atmak isledim, tutuldy dilim,
Haraý isleýän dek uzady elim.

Diýdim: »Saña bir arzym bar, eý, dilber,
Dertli men, dermany… lebiñden bal ber.
Gel, gözel, ýigitlik arzuwym sensiñ,
Gyk bakma, rehim et, gel, maña el ber!»
»Aýyp bor, beýle söz aýtma» diýdi,
Näz bilen elini agzyna goýdy.

1931 ý. Goşgular